# Çokunmak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çokunmak ÇOKUNMAK

Günäleme meni, Gudraty güýçli,
Hemem jeza berme, çokunýan saňa,
Tüm zeminde hyjuw paýyma düşdi
Hem abyrsyz söýgi girdi synama.
Seň dirilik sözleň diňe azajyk
Gelip meň kalbyma girýäni üçin,
Akylymyň käte senden azaşyp,
Başga ýerde ygyp ýörýäni üçin,
Günäleme, dünýä dar bolýar maňa,
Saňa baky baglanmakdan çekinýän.
Kä ýülünmek üçin çokunman saňa,
Eý Taňrym, men aýdymlara çokunýan.

Ýöne bu ajaýyp alawy söndür —
Hemmäni bir demde ýakýan ýangyny.
Ýüregimi sowuk bir daşa öwür,
A:ç gözlem dünýäden bolman algyly,
Meni aýdymlardan eýle sen halas.
Ine, şonda, Taňrym, saňa döneýin
Hem diňe çokunyp, edeýin yhlas.

✍Mihail LERMONTOW

Rus dilinden terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular